# Pikirler: Döredijilik hakda, özüm – Osman Öde hakda

Category: Kitapcy,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Pikirler: Döredijilik hakda, özüm – Osman Öde hakda PIKIRLER

Döredijilik hakda, özüm – Osman Öde hakda

Eger kämilleşmegiň ýoluny görkez, täzeden edebiýata gelseň diýseler:
– Men edebiýata terjimeden gelmeli diýip pikir edýärin.

* * *

Eser döredilende täze obraz tapanyň üçin ýazýarmyň ýa tapan täze sýužetiň, wakaň üçin.
– Waka, sýužet öň tapylýar. Gahrymanlar şol wakalar esasynda döreýär.

* * *

Men ýaşaýyş üçin kitaplara minnetdar.

* * *

Eý, Hudaý jan!
Meni öldürme!
Ogluň Osman Ödä adamlaryň içki dünýälerini çeper eserlerde açyp görkezmäge puryja ber! Men ölmekden gorkýaryn. Ölmän, şeýle bir gowy romanlar döredesim gelýär. Halka, türkmen halkyna kän-kän gowy eserleri galdyrasym gelýär.

* * *

Ömrüň manysy aslyňy, özüňi tanamakdan başlanýar. Pederleriňe mynasyp bolmak, geljekki nesle özüňden gowy at – gowy amal galdyrmak her birimiziň mukaddes parzymyz.

* * *

Men taryhçy alym däl, ýöne türkmen halkymyzyň taryhyny ilikdüwme öwrenmekden çäksiz uly lezzet alýaryn. Elbetde, her bir intelligente, her bir türkmene öz taryhyny bilmek ýazylmadyk durmuşy kanun, zerurlyk. Bu her kimiň ömrüniň manysyny, durmuşdaky ornuny kesgitleýän aýratynlyk.

* * *

Eý, meniň ogullarym! Türkmen taryhyny öwreniň. Mümkinçiligi bolup öz taryhyny öwrenmeýän adam gaty telek iş etdigidir. Buýsançly taryhymyz bar.
Buýsanç – ýaşaýşa güýç berer. Sözler